# Maşyn… maşyn… maşyn…

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Maşyn… maşyn… maşyn… MAŞYN… MAŞYN… MAŞYN…

Gündogar tarapmy günbatar tarap,
Tagtamy Murgapmy Saýatmy Farap,
Tejenmi Duşakmy Kakamy Mane,
Nirdedigi hökmanmy näme.
Biriniñ öýünde düşdüm men gonak,
Ş harpyndan ýaña bez boldy gulak
Ertirki barşyma bolýança peýşin
Ähli eşiden sözüm
Maşyn, maşyn, maşyn

Ortada çişlikli kebaply saçak,
Saçagyñ daşynda bir topar goçak,
Brigadir agronom, mugallym müdir,
Agzynda omaça elinde petir,
Dillerinde bolsa
Motor, çyra, şin,
Tormoz tigir, nomer
Maşyn, maşyn, maşyn

Birisi gürleyar garažy hakda
Biri Sportlotoñ tiražy hakda
biri maşynynyñ boýagy hakda
Biri Wolgasynyñ keýigi hakda
Biri «Žiguliniñ» nobaty hakda
Biri şol nobatyñ gynaty hakda
Biri bolsa eýýäm gözlerni büräp
aljak maşynyny düýşünde görüp
Hor çekýär täsin
Mah-şyn, mah-şyn, mah-şyn

Dutar pejiñ gapdalynda garalyp ýatyr
Bagşy egnin gysyp garaşyp otyr

Gözümi ümledim düşündi bagşy
Aydymlar ýañlandy ýagşydan ýagşy
Akmenliñ saçlary tellenip gitdi
Meñli çeşmä tarap sallanyp gitdi
Onýança ýene-de çykýan dek ýerden
Ş harpy şuwwuldap başlady birden
Bir seretsek goşup sesine bagşyň
Agronom hiñlenýär:
Maşyn Maşyn Maşyn

Bagşy çydamady
Öykelap gitti
Onýança ýoldaşym böwrüme dürtdi
– Başgarak bir gürrüñ tapsana şahyr
Ýürege düşdi-le
Maşyn maşyn maşyn

Gürrüñ edip berdim Karel Çapekden
Goşgy okap berdim Ata Köpekden
Soñaabaka tutdum hasam uludan
Molla Kemineden Magtymgulydan
Seýdiniñ, Nepesiñ, Mätäjiñ sözün
Sallym agyzlarny misli bir üzüm
Okadym köp dürli ykballar hakda
Gara yollar hakda, ak yollar hakda
Geçen günler hakda, şu günler hakda
Gözi çanak ýaly gelinler hakda
Emma yuwaş yuwaş ejizlap goşgy
Ýene üstün hakda maşynyñ yşky
Goşulyp başlady içine goşgyñ
Motor, karbýurator
Maşyn maşyn maşyn

Olar-sekiz adam men bolsa ýeke
Ne gahar duyjak, ne-de bir öýke
Goşgy bilen bogup maşyna çemen
Olara goşulyp başladym menem
Ine gerek bolsa bir topar erkek

Boýnunda galstuk başynda telpek
Dünya inen yaly bir demir üçin
Maşynda maşyn
Maşyn maşyn maşyn

Kerim GURBANNEPESOW.